Türkmenistanyň Merkezi banky
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

## 2023-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna
на 1 августа 2023 года

Aşgabat 2023

# Mazmuny / Содержание


## SELJERIŞ MAKALALARY

KARZ GATNAŞYKLARYNY KÄMILLEŞDIRMEGIŇ NAZARY JÄHTLERI
3

ÝURDUMYZYŇ MALIÝE WE BANK ULGAMY BARHA KÄMILLEŞÝÄR
6

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
9

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
11

## KADALAŞDYRYJY HUKUKNAMALAR

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň 2023-nji ýylyň 14-nji iýunynda çykaran 189-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan, Türkmenistanyň raýatlaryna Arkadag şäherinde täze gurlan ýaşaýyş jaýlaryndan öýleri gozgalmaýan emläk hökmünde girewe goýup, satyn almaga karzlary bermegiň Tertibi
23

# KARZ GATNAŞYKLARYNY KÄMILLEŞDIRMEGIŇ NAZARY JÄHTLERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň karz edaralary milli ykdysadyýetimiziň hereketlendiriji güýji bolmagy bilen, raýatlarymyza häzirki zaman innowasion bank hyzmatlaryny hödürleýärler.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan şahsy taraplara gündelik durmuş zerurlyklary üçin harytlary satyn almak we olar boýunça tölegleri geçirmek üçin karzlary berilýär. Karz deslapdan serişde toplamazdan maddy nygmatlary, harytlary almaga mümkinçilik berýär. Beýleki tarapdan, karz haryt ätiýaçlyklaryň, hyzmatlaryň ýerlenilmegini çaltlandyrýar. Şeýlelikde, ýurduň ykdysadyýetinde giňeldilen üznüksiz önümçiligi üpjün edýär.

Sarp ediş maksatly karzlar – raýatlaryň zähmet haklarynyň, her dürli paýnamalardan alýan girdejileriniň, telekeçilik işinden alýan girdejileriniň goýumlardan alýan girdejileriniň, emlägi kärendä berip alýan girdejileriň we Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik beýleki girdejileriniň hasabyna karzyň gaýtarylmagyny göz öňünde tutup, raýatlaryň durmuş çykdajylaryny tölemek üçin berilýän karzdyr.

Şahsy taraplara berilýän karzlaryň bank önümi hökmünde aşakdaky häsiýetli aýratynlyklary bar:

- makro derejesinde sarp edijiniň karzy önümçiligiň ösüşini tizleşdirilýär we ýokary bazar ýagdaýynyň görnüşini döredýär;
- girdejileriň diňe bir giňişlikde (önümçilik we sarp ediş proseslerine gatnaşyjylaryň arasynda) däl-de, wagtyň geçmegi bilen gaýtadan paýlanmagyna goşant goşýar;
- harytlary saklamak bilen baglanyşykly dolanyşyk çykdajylaryny azaldýar;
- harytlara we hyzmatlara bolan zerurlyk bilen olar üçin tölemek ukybynyň arasyndaky wagt aralyklaryny azaldýar;
- pul dolanyşygynyň tizligini ýokarlandyrýar, ýagny erkin pul serişdelerini dolanyşyga goýberýärler.

Pul dolanyşygy karz boýunça haryt satyn alnanda puluň deslapky toplanmagynyň zerurlygyny aradan aýrylýar, karzyň girdeji alnandan soň derrew tölenip bilinmegi bilen çaltlaşdyrylýar.

Şahsy taraplara berilýän karzlar, birnäçe görnüşi boýunça tapawutlandyrylýar:

- ýeňillik derejesine görä (umumy esasda karzlar, ýeňillikli karzlar);
- möhleti boýunça (gysga we uzak möhletli);
- karzyň yzyna gaýtarylyş usuly boýunça (bölekleýin tölemezden tölenýär; böleklere görä tölenýär);
- karz bermegiň usuly boýunça (bir gezeklik, täzelenip bolýan);
- maksady boýunça (anyk we anyk däl maksatly karzlar).

Karz edaralary tarapyndan raýatlara bilim almak üçin möhletli karzlar hem berilýär. Onuň möçberi bilim almagyň bahasy we möhleti bilen kesgitlenýär (karzyň aňryçäk möçberi bilim almagyň bahasynyň möçberi bilen kesgitlenýär). Ilata berilýän uzak möhletli karzlaryna gozgalmaýan emläkleri satyn almak, gurmak we onuň durkuny täzelemek üçin alynýan karzlar degişlidir.

Ilata karz bermek bankyň karz syýasatyna laýyklykda, ony maksadalaýyk peýdalanmak, üpjün etmek, möhletlilik, töleglilik, yzyna gaýtarmak esasynda amala aşyrylýar.

Karzlaşdyrmak hakynda çözgüdi kabul etmek bilen banklar karz alyjynyň karza ukyplylygyna berilýän bahadan ugur alýarlar, çünki karzy yzyna gaýtarmagyň birinji çeşmesi bolup karz alyjynyň öz girdejisi çykyş edip, karz boýunça üpjünçilik ony üzmegiň ikinji çeşmesi bolup durýar.

# SELJERIŞ MAKALALARY

Karz alyjynyň karza ukyplylygyna baha bermek üçin banklar karz alyjylary iki topara bölýärler: hakyna tutma işde işleýän (bellenen zähmet hakyny alýan) şahsy taraplar, edara döretmedik telekeçiler hökmünde hususy telekeçilik işi bilen meşgullanýan ýa-da hojalyk subýektleriniň eýeleri bolup duran şahsy taraplar.

Karz alyjynyň girdejisi telekeçilik işiniň hasabyna emele getirilýän bolsa, onda karz alyjynyň iş bilen üpjünçiliginiň durnuklylygy, onuň bazaryň durnukly ösýän we girdejililik potensialy bolan böleginde işleýändigini şertlendirýär. Karz alyjynyň zähmet hakynyň ýa-da girdejisiniň möçberi karzyň şahsy tarapa berlip bilinjek aňryçäk möçberini kesgitleýär. Banklar karzyň her bir görnüşi boýunça karz alyjynyň ortaça aýlyk zähmet haklarynyň ýa-da girdejileriniň binýadynda hasaplama koeffisientini kesgitleýärler. Üpjünçiligiň bolmagy karz bermegiň hökmany şerti bolup durýar we täjirçilik banklary karzyň üpjünçiligi hökmünde şulary kabul edýär:

- ýurduň hemişelik girdeji çeşmesi bolan raýatlarynyň kepillendirmeleri; kepillendirijileriň sany karzyň möçberine baglydyr;
- bankyň müşderileri bolup duran tölege ukyply kärhanalaryň we guramalaryň kepillendirmeleri;
- gozgalmaýan desgalar, awtomobil serişdeleri we girew goýulýan beýleki emläkler.

Sarp ediş karzlarynyň gaýtarmagynyň birinji derejeli üpjünçiligi hökmünde, karz alyjynyň hususy girdejileri (zähmet haky we oňa deňleşdirilen beýleki girdeji çeşmeleri) we ikinji derejeli üpjünçilik üçin bolsa, karz alyjynyň özüne ýa-da beýleki bir şahslara degişli bolan emläkleri girew hökmünde resmileşdirilip bilinýär. Bulardan başga-da, karz alyjynyň işleýän kärhanasynyň, telekeçileriň we (ýa-da) raýatlaryň zamunlyklaryny, Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki görnüşlerdäki üpjünçilikleri resmileşdirilip bilinýär.

Häzirki zaman şertlerinde täjirçilik banklary karz gatnaşyklaryny döwrüň talabyna laýyklykda ösdürmek, bankyň düşewüntliligini ýokarlandyrmak maksady bilen giň gerimli işleri alyp barýarlar.

Sanlylaşdyrmak işi banklar üçin öz wezipelerini netijeli ýerine ýetirmäge, şeýle hem müşderi binýadyny saklamaga ýardam berýän innowasion usullary ornaşdyrmaga mümkinçilik döredýär.

Bank hyzmatlaryny sanlylaşdyrmak boýunça geçirilýän giň gerimli işler aşakdakylara mümkinçilik berer:

- karz şertnamalary boýunça tölegleri hasaplamagyň tertibi we degişli karz hyzmatlary üçin tölegleriň mukdary barada şahsyýetlere öz wagtynda habar bermäge;
- şahsy taraplaryň karz serişdelerine bolan ösýän isleglerini karz hyzmatlarynyň bazarynda täze karz hyzmatlaryny teklip etmäge;
- karz alyjyny banklar bilen gönüden-göni baglanyşdyrmaga we ş.m. amala aşyrmaga.

Müşderi-bank gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegi diňe bir ykdysady däl, eýsem syýasy we jemgyýetçilik ähmiýete eýedir. Bankara bäsdeşlik derejesiniň ýokarlanmagy bilen ilata karz bermegi kämilleşdirmek, bank üçin abraýyny, özüne çekijiligini we girdeji çeşmesini berkitmek üçin möhüm gural bolup durýar.

Müşderilere karz hyzmatlaryny talabalaýyk ýola goýmak her bir karz edarasynyň borjy bolup durýar. Şunda, täjirçilik banklarynda karzlaşdyrmak işleriniň talabalaýyk guralmagy we karzlaşdyrylýan müşderileriň karz bölüminiň işgärlerine dogry berkidilmegi, karz gözegçiliginiň esasyny düzýär.

Karz töwekgelçiliginiň öňüni almak maksady bilen, banklar tarapyndan müşderilere berilýän karzlary netijeli dolandyrmak boýunça işleri geçirmek wajypdyr.

Karzlary netijeli dolandyrmakda müşderileriň iş aýratynlyklaryna we hyzmat etmekligiň

çylşyrymlylygyna görä, olara hyzmat etjek karz bölümleriniň hünärmenleriniň hünär ussatlygy bilen utgaşdyryp, işleriň ýola goýulmagy, bank işinde möhüm wezipeleriň biri bolup durýar. Özüniň işi çylşyrymly bolan müşderilere berilýän karzlaryň dolandyrylmagyny we olar boýunça gözegçilik işlerini, tejribeli we öz işine ussat hünärmenlere berkidilen ýagdaýynda, karzlaryň gözegçiliginiň hilini ýokarlandyrmaga we bu ugurdaky ýüze çykýan töwekgelçilikleri peseltmäge ýardam berýär.

Karz edaralarynyň müşderileri bilen karz gatnaşyklaryny ösdürmekde, kämilleşdirmekde we netijeliligini ýokarlandyrmakda aýratyn orun göterim syýasatyna degişlidir. Karzyň berilýän ugruna, möhletine we möçberine baglylykda göterim derejesi tapawutlandyrylýar. Esasy maksat müşderileriň bähbidine gönükdirilen göterim syýasatyny alyp barmak we karzyň elýeterliligini üpjün etmekden ybaratdyr.

Gahryman Arkadagymyzyň parasatly başlangyçlaryny mynasyp durmuşa geçirýän Arkadagly Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda milli ykdysadyýetimiziň yranmaz binýady has-da kuwwatlanýar, pugtalanýar we barha kämilleşip ösüşiň täze belentliklerine tarap ynamly barýar.

**Gurbanberdi EÝEBERDIÝEW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň uly mugallymy

**Gülsenem MEREDOWA,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet
we dolandyryş institutynyň mugallymy

## SELJERIŞ MAKALALARY

# ÝURDUMYZYŇ MALIÝE WE BANK ULGAMY BARHA KÄMILLEŞDÝÄR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli baştutanlygynda ähli pudaklar bilen bir hatarda, maliýe-bank ulgamynda hem durnukly ösüşi üpjün etmek, bank işjeňligini kämilleşdirmek we innowasion sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak bilen ilata ýokary hilli täze hyzmatlary hödürlemek ýaly möhüm işler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmak işi täze ösüşler bilen dowam edýär. Sanly ykdysadyýete geçmeklik dünýäniň öňdebaryjy döwletleri bilen aýakdaş gitmeklige ýol açýar. Sanlylaşdyrmak täze harytlaryň we hyzmatlaryň peýda bolmagyna getirýär. Sanly bank hyzmatlarynyň üsti bilen bank işjeňligi has-da ýokarlandyrylýar. Nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi artdyrylýar. Karzlaryň täze amatly görnüşleri döredilýär. Häzirki wagtda raýatlar tarapyndan karz almak üçin ýüztutmalary «online» görnüşinde kabul etmeklik hem ýola goýuldy. Bulardan başga-da, Türkmenistanyň maliýe we bank ulgamynyň innowasion häsiýetli ösüşini üpjün etmek, ykdysady taýdan ähmiýetli, netijeli pudaklary karzlaşdyrmak, dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň bank ulgamynyň täze hyzmatlaryny öwrenmek we olaryň netijeliligini milli bank ulgamyna sazlaşykly ornaşdyrmak ugrunda işler üstünlikli alnyp barylýar. Dünýäniň ösen ýurtlarynda ornaşdyrylan, raýatlaryň öýlerinden ýa-da iş ýerlerinden çykmazdan, internet arkaly söwda etmeklik we elektron tölegleri amala aşyrmaklyk, gerekli harytlaryny islendik ýere eltdirmäge mümkinçilikleriň guralmagy adamzadyň iň gymmatly baýlygy bolan wagtyny tygşytlamaga mümkinçilik berýär.





«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet Maksatnamasyna» laýyklykda bank ulgamyny ösdürmek, bank işjeňliginiň kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirmek, ýerine bank hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak, töleg ulgamyny sanly ulgam arkaly ýeňilleşdirmek, täze kämil görnüşlerini ornaşdyrmak boýunça maksatlaýyn işler alnyp barylýar. Döwlet maksatnamasynda bellenen çäreleriň yzygiderli ýerine ýetirilmegi, ýurdumyzyň sanly ulgama geçişiniň çaltlandyrylmagyna, döwletimiziň durmuş-ykdysady ösüşiniň derejesini ýokarlandyrmaga we halkymyzyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga ýardam edýär.



Ýurdumyzyň bank ulgamyny kämilleşdirmek, hödürlenilýän bank hyzmatlaryny halkara derejelere çykarmak boýunça bank işiniň dürli ugurlaryny döwrebaplaşdyrmak, abraýly halkara maliýe düzümleri bilen hyzmatdaşlygy has-da giňeltmek, sanly ykdysadyýetiň gazananlary hökmünde «Internet-bank» we «Mobil-bank» hyzmatlaryny ýurduň çäginde giňden ornaşdyrmak, ilatyň arasynda bu hyzmatlar bilen bagly mahabat-düşündiriş işlerini alyp barmak boýunça uly öňegidişlikler gazanyldy.

«Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2019-2025-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň» düzgünleriniň yzygiderli ýerine ýetirilmegi ýurdumyzyň mundan beýläk-de ösmegine, işewürlik we maýa goýum işjeňligine, dolandyrmagyň öňdebaryjy usullaryny ornaşdyrmaga

ýardam edýär. Halk hojalyk toplumynyň durnukly ösmegi ýurdumyzyň bazar ykdysadyýetine tapgyrma-tapgyr geçmegini üpjün edýär. Ýurdumyzda esasy makroykdysady görkezijiler durnukly derejede saklanýar. Pul-karz syýasaty yzygiderli geçirilip, önümçilik we eksport ugurly pudaklara goldaw berilýär. Halkara maliýe edaralary bilen netijeli hyzmatdaşlyk ösdürilip, bank ulgamyna innowasion tehnologiýalar giňden ornaşdyrylýar. Bu pudagyň sanly ulgama geçirilmegi onuň düzüminiň, önümleriniň hem-de döwrebap tehnologiýalary peýdalanmak arkaly müşderiler bilen özara gatnaşyklaryň ugurlarynyň döwrebaplaşdyrylmagyny göz öňünde tutýar. Türkmenistanyň banklary tarapyndan ileri tutulýan pudaklaýyn taslamalary karzlaşdyrmak işleri amala aşyrylýar.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan berilýän uzak möhletleýin karzlar öňdebaryjy we eksport ugurly önümçilikleriň tehnologiýalaryny ösdürmäge gönükdirlip, milli ykdysadyýetimiziň işini sanlylaşdyrmak, hasaba almak boýunça işleri ýeňilleşdirmek, elektron hyzmatlar ulgamyny kämilleşdirmek maksady bilen, döwlet hyzmatlarynyň bitewi portaly (e.gov.tm) döredildi, ol ýerde ähli banklaryň, döwlet edaralarynyň we kärhanalarynyň internet sahypalary ýerleşdirildi. Bu ýerde ministrlikleri we edaralary sanly ulgama hem-de interaktiw görnüşe geçirmegiň anyk beýany görkezilýär.

Maliýe we bank hyzmatlary babatda geçirilýän özgertmeler bank bazaryna gatnaşyjylaryň we müşderileriň arasyndaky gatnaşyklaryň düýpli üýtgemegini aňladyp, ilkinji nobatda, hyzmat ediş tizligini artdyrmagy hem-de hyzmat etmegiň dürli ugurlaryny peýdalanmak arkaly müşderileriň wagtyny tygşytlamagy göz öňünde tutýar. Şunuň bilen baglylykda, hödürlenilýän hyzmatlaryň ähli ýerde tizligini, elýeterliligini, banklaryň we müşderileriň arasyndaky gatnaşyklary düýbünden täze derejä çykarýar. Bank işiniň ulgamy yzygiderli giňelip, dürli bank önümlerini we hyzmatlaryny işläp taýýarlamak dowam edýär. Karz edaralarynyň işiniň seljerilmegi netijeli işlemek we bäsdeşlik artykmaçlyklaryny gazanmak üçin innowasion tehnologiýalaryň täze gazananlaryny peýdalanmak arkaly innowasiýalary ornaşdyrmak zerur bolup durýar.

Ykjam internet tehnologiýalarynyň ösmegi bilen, ykjam goşundylar amatly we netijeli gurala öwrülip, olary ulanýanlar öz hasabyny barlamak, geçirilen amallary görmek, pul geçirimlerini amala aşyrmak we hyzmatlar üçin tölemek, karz almak ýa-da karzyň esasy bergisini we oňa hasaplanan göterimleri hasaplamak, satyn almak, ätiýaçlandyrmak işlerini geçirmek üçin ulgamy işjeň peýdalanýarlar.

Ýurdumyzda dürli hyzmatlar we harytlar üçin tölegleri amala aşyrmagyň ykjam goşundylarynyň ornaşdyrylan wagtyndan bäri «Altyn asyr», «Milli kart», «Goýum bank karty», «Maşgala» bank kartlary  hem-de «Internet-bank», «Mobil-bank», «Galtaşyksyz töleg» ýaly sanly hyzmatlar arkaly geçirilýän nagt däl tölegleriň mukdary artýar. Terminallaryň üsti bilen bank kartlary arkaly söwda hem-de hyzmat merkezlerinde satyn alnan harytlar we hyzmatlar, jemagat hyzmatlary (gaz, suw, elektrik togy), Polisiýanyň ýol gözegçilik gullugynyň degişli hyzmatlary, şol sanda ulag serişdelerini hasaba goýmak, tehniki pasport almak, tehniki gözegçilikden geçirmek, awtomobil döwlet belgilerini, sürüjilik şahadatnamasyny almak, ulagy dolandyrmak boýunça synag üçin tölegler geçirilýär. Şeýle hem Türkmenistanyň pasportyny alanyňda, onuň ýiten ýagdaýynda pasporty çalşanyňda, ýaşaýan ýeriňi üýtgedeniňde we beýlekiler üçin tölegleri geçirmek bolýar.

Türkmenistanda durmuş guran ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak üçin berilýän ýeňillikli karz serişdeleriniň möçberi üç esseden gowrak artdyryldy. Durmuş guran ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny, hojalyk harytlaryny, täze ýaşaýyş jaýlaryny hem-de gozgalmaýan emläkleri satyn almaklary üçin karzlary bermegiň tertibine üýtgetmeler

girizildi. Üýtgetme girizilen tertipnama laýyklykda Türkmenistanda durmuş guran ýaş maşgalalar zamunlyk esasynda 3 ýyl möhlet bilen ýyllyk 1 göterimli 20 müň manada çenli karz pul şerişdesinden peýdalanyp bilerler. Bu karzy 35 ýaşa ýetmedik we nikasy 2011-nji ýylyň 3-nji sentýabryndan öň hasaba alynmadyk ýaş maşgalalar alyp bilerler.

Sanly bank hyzmatlarynyň ösüşi, täze görnüşleri barada köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen teleradioýaýlymlarda, gazet-žurnallarda yzygiderli tanyşdyryş-mahabat işleriniň geçirilmegi beýleki ulgamlarda zähmet çekýän raýatlaryň hem bank hyzmatlarynyň ähli mümkinçiliklerden peýdalanmaklaryna ýardam berýär, geljekde hem şeýle işleriň ýüzlerçelerini geçirmeklik maksat edinilýär.

Halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamaga, okamaga, zähmet çekmäge döredip berýän çäksiz mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys. Goý, ata Watanymyzy ösüşleriň röwşen ýoly bilen öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli tutýan tutumly işleri elmydama rowaç alsyn!

**Nigara ŞARIPOWA,**
Türkmenistanyň «Halkbank» PTB-niň
Dostluk şahamçasynyň Buhgalterçilik
hasaba alyş we hasabatlylyk bölüminiň
başlygy - Baş hasapçynyň w.w.ý.ý.

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2023-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 августа 2023 г.**




**2023-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**
**Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 августа 2023 г.**




**2023-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**
**Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 августа 2023 года**




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**
**Структура активов кредитных учреждений, (в %)**



№7
2023
TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)
## Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2023-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 августа 2023 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)
## Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)
## Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2023-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)
## Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 августа 2023 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| **GÖRKEZIJILER** ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi ед. измер. | 01.08.2022 | 01.01.2023 | 01.08.2023 | 01.08.2023 01.01.2023-e, %-de | 01.08.2023 01.08.2022-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary** Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **10** | **10** | **10** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda: в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik - государственно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik - акционерно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary - филиалы иностранных банков | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky - Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany** Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **147** | **147** | **151** | *102,7* | *102,7* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany** Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями | sany / ед. | * | **6 562 437** | * | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany** Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | * | **8 562,8** | * | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi** Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat млн манат | **6 616,7** | **6 782,9** | **6 995,1** | *103,1* | *105,7* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)** Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat млн манат | **8 172,54** | **16 389,77** | **13 155,19** | *80,3* | *161,0* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary** Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat млн манат | **84 915,53** | **88 926,48** | **87 945,21** | *98,9* | *103,6* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)** Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) | mln manat млн манат | **41 757,50** | **41 735,64** | **40 437,71** | *96,89* | *96,8* |

*Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy / Подготовлено Научно-производственным советом*

## 2023-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 августа 2023 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Arkadag<br>Аркадаг | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **24** | 3 | 9 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **23** | 1 | 5 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **51** | 7 | 1 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **3** | | 2 | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **32** | 4 | 7 | 1 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **14** | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **151** | **16** | **26** | **4** | **24** | **21** | **32** | **28** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 августа 2023 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Gulluklaryň sany<br>Кол-во агентств | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **9** | 1 | | 2 | 1 | 4 | 1 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **4** | | | | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ | **7** | | 2 | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **23** | **1** | **2** | **4** | **4** | **10** | **2** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 августа 2023 г.

*müň manat / тыс. манат*

| Bellige alnan karz edaralar we beýlekiler<br>Зарегистрированные кредитные учреждения и другие | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки | 2 200 537,9 | 31,46 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки | 1 884 030,3 | 26,93 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков | 4 571,0 | 0,07 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития | 2 850 000,0 | 40,74 |
| Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>Туркмен инвест. компания | 56 000,0 | 0,80 |
| **Jemi / Всего** | **6 995 139,2** | **100,0** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2023-nji ýylyň iýul aýynda TMB-niň karz auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
Объявленные процентные ставки на кредитном аукционе ЦБТ в июле 2023 года

| Karzlaryň möhleti<br>сроки предоставления кредитов | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%) |
|---|---|
| 1 ýyldan artyk bolmadyk möhlete<br>до 1 года | 5,0 % |

## 2023-nji ýylyň iýul aýynda TMB-niň goýum amallary auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
Объявленные процентные ставки на депозитном аукционе ЦБТ в июле 2023 года

| Goýumlaryň möhleti<br>сроки привлечения депозитов | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%) |
|---|---|
| 1 aý<br>1 месяц | 3,0 % |
| 2 aý<br>2 месяца | 3,5 % |
| 3 aý<br>3 месяца | 4,0 % |

*Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций*

## Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi
Ставка рефинансирования Центрального банка Туркменистана

| Hereket eden döwri<br>Период действия | Göterimiň derejesi,%<br>Процентная ставка,% | Esas<br>Основание |
|---|---|---|
| 08.07.1997 - 05.08.1998 | 35 | TMB-niň 08.07.1997 ý. senesinden 125 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N125 от 08.07.1997 г. |
| 06.08.1998 - 02.08.1999 | 30 | TMB-niň 06.08.1998 ý. senesinden 196 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N196 от 06.08.1998 г. |
| 03.08.1999 - 11.02.2000 | 27 | TMB-niň 03.08.1999 ý. senesinden 212 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N212 от 03.08.1999 г. |
| 12.02.2000 - 24.05.2000 | 25 | TMB-niň 11.02.2000 ý. senesinden 39 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N39 от 11.02.2000 г. |
| 25.05.2000 - 01.01.2001 | 20 | TMB-niň 25.05.2000 ý. senesinden 161 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N161 от 25.05.2000 г. |
| 02.01.2001 - 09.12.2001 | 15 | TMB-niň 02.01.2001 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N1 от 02.01.2001 г. |
| 10.12.2001 - 01.03.2003 | 12 | TMB-niň 07.12.2001 ý. senesinden 304 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N304 от 07.12.2001 г. |
| 01.03.2003 - 01.06.2004 | 10 | TMB-niň 23.01.2003 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 1 от 23.01.2003 г. |
| 01.06.2004 | 5 | TMB-niň 25.05.2004 ý. senesinden 133 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 133 от 25.05.2004 г. |

*Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy*
*Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики*

## Karz edaralarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyna hökmany ätiýaçlyklaryna geçirmeli möçberleri
## Нормативы отчислений кредитных учреждений в обязательные резервы Центрального банка Туркменистана

| Bellenilen senesi<br>Утвержденная дата | Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi<br>Уровень обязательных резервов | Bellikler<br>Примечания |
|---|---|---|
| 19.01.2001 | 5% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky we daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным средствам в национальной и иностранной валюте юридических лиц |
| | 25% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в национальной валюте юридических лиц |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в иностранной валюте юридических лиц |
| 20.07.2006 | 3% | - edara görnüşindäki taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 20% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 03.04.2009 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 15% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 17.02.2011 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 10% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 11.02.2015 | 5% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 12% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 6% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 9% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |

*Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций*

## Londonyň gymmat bahaly metallar bazarynyň assosiasiýasy (LBMA) tarapyndan irdenki söwdada bellenilen nyrhy boýunça 2023-nji ýylyň iýul aýyndaky gymmat bahaly metallaryň 1 (bir) unsiýasynyň türkmen manadyna bolan gatnaşyklarynyň sanawy

### Перечень цен драгоценных металлов за 1 (одну) унцию по результатам утренних торгов Лондонской Ассоциации рынков драгоценных металлов (LBMA) по отношению к туркменскому манату, действительных в июле 2023 года

*manat /манат*

| | Altyn / Золото | Kümüş / Серебро | Platina / Платина | Palladiý / Палладий |
|---|---|---|---|---|
| 03.07.2023 | 6 698,1250 | 79,7125 | 3 143,0000 | 4 294,5000 |
| 04.07.2023 | 6 754,1250 | 80,5175 | 3 227,0000 | 4 378,5000 |
| 05.07.2023 | 6 749,0500 | 79,8350 | 3 213,0000 | 4 326,0000 |
| 06.07.2023 | 6 717,0250 | 81,0950 | 3 216,5000 | 4 410,0000 |
| 07.07.2023 | 6 704,7750 | 79,5025 | 3 178,0000 | 4 298,0000 |
| 10.07.2023 | 6 737,6750 | 80,6400 | 3 192,0000 | 4 340,0000 |
| 11.07.2023 | 6 776,7000 | 80,9725 | 3 276,0000 | 4 329,5000 |
| 12.07.2023 | 6 775,1250 | 81,0600 | 3 279,5000 | 4 427,5000 |
| 13.07.2023 | 6 858,6000 | 84,9100 | 3 363,5000 | 4 560,5000 |
| 14.07.2023 | 6 847,7500 | 86,6950 | 3 384,5000 | 4 480,0000 |
| 17.07.2023 | 6 842,6750 | 86,8350 | 3 398,5000 | 4 431,0000 |
| 18.07.2023 | 6 866,8250 | 87,0975 | 3 454,5000 | 4 564,0000 |
| 19.07.2023 | 6 923,5250 | 87,5525 | 3 458,0000 | 4 634,0000 |
| 20.07.2023 | 6 935,2500 | 88,1125 | 3 412,5000 | 4 571,0000 |
| 21.07.2023 | 6 873,3000 | 86,5550 | 3 360,0000 | 4 490,5000 |
| 24.07.2023 | 6 876,6250 | 86,0650 | 3 374,0000 | 4 497,5000 |
| 25.07.2023 | 6 870,8500 | 85,9425 | 3 409,0000 | 4 532,5000 |
| 26.07.2023 | 6 902,0000 | 86,3450 | 3 391,5000 | 4 497,5000 |
| 27.07.2023 | 6 913,2000 | 87,5350 | 3 409,0000 | 4 424,0000 |
| 28.07.2023 | 6 825,5250 | 84,7875 | 3 279,5000 | 4 319,0000 |
| 31.07.2023 | 6 844,4250 | 85,2425 | 3 255,0000 | 4 350,5000 |

Görkezilen gatnaşyklar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň olar boýunça gymmat bahaly metallary satyn almak ýa-da satmak borçnamalaryny göz öňüne tutmazdan bellenildi.

Цены установлены без обязательств Центрального банка Туркменистана покупать или продавать указанные драгоценные металлы по данным ценам

***Halkara amallar müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Международных операций***

## Türkmenistanyň karz edaralarynda milli pulda berlen karzlaryň ortaça göterim derejeleri (%)
### Средние процентные ставки по кредитам в национальной валюте кредитных учреждений Туркменистана (%)

| | Döwlet täjirçilik banklary<br>Государственные коммерческие банки | | Paýdarlar täjirçilik banklary<br>Акционерные коммерческие банки | | Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития | | Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar<br>Банки с участием иностранного капитала | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам |
| **iýun, 2023**<br>**июнь, 2023** | | | | | | | | |
| Talap edilýänçä<br>До востребования | | | | | | | | |
| 1 aýa çenli<br>до 1 м-ца | | | | 12,0 | | | | |
| 1-3 aýa çenli<br>1-3 м-ца | | | 7,0 | 14,0 | | | | |
| 3-6 aýa çenli<br>3-6 м-ца | 2,0 | | 9,0 | 14,0 | | | | |
| 6-12 aýa çenli<br>6-12 м-ца | 6,0 | | 7,03 | 12,0 | | | | |
| 1 ýyldan ýokary<br>свыше 1 г. | 7,0 | 12,62 | 3,0 | 11,81 | | | | |

## Türkmenistanyň karz edaralarynda milli pulda çekilen goýumlaryň ortaça göterim derejeleri (%)
### Средние процентные ставки по депозитам в национальной валюте кредитных учреждений Туркменистана (%)

| | Döwlet täjirçilik banklary<br>Государственные коммерческие банки | | Paýdarlar täjirçilik banklary<br>Акционерные коммерческие банки | | Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития | | Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky banklar<br>Банки с участием иностранного капитала | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам | Edara görnüşli taraplara<br>Юрид. лицам | Şahsy taraplara<br>Физ. лицам |
| **iýun, 2023**<br>**июнь, 2023** | | | | | | | | |
| Talap edilýänçä<br>До востребования | | 3,2 | | 3,0 | | | | |
| 1 aýa çenli<br>до 1 м-ца | | | | | | | | |
| 1-3 aýa çenli<br>1-3 м-ца | | 8,9 | | 4,0 | | | | |
| 3-6 aýa çenli<br>3-6 м-ца | | 9,0 | | 7,8 | | | | |
| 6-12 aýa çenli<br>6-12 м-ца | 0,2 | 9,2 | 2,9 | 9,4 | | | | |
| 1 ýyldan ýokary<br>свыше 1 г. | 5,0 | 10,94 | 5,0 | 3,10 | | | | |

## Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan milli pulda berlen karzlar we olaryň göterim derejeleri
### Кредиты в национальной валюте, предоставленные кредитными учреждениями и процентные ставки по ним

| Показатели | 2023-nji ýylyň iýun aýynda berlen karzlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri<br>Объем выданных кредитов и средние процентные ставки в июне 2023 г. | | 2023-nji ýylyň ýanwar - iýun aýlarynda berlen karzlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri<br>Объем выданных кредитов и средние процентные ставки в январе - июне 2023 г. | |
|---|---|---|---|---|
| | Möçberi (mln manat)<br>Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%)<br>Средний процент (%) | Möçberi (mln manat)<br>Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%)<br>Средний процент (%) |
| **Jemi berildi**<br>**Выдано, всего** | **1 868,74** | **4,35** | **5 810,47** | **5,21** |
| edara görnüşli taraplara<br>юридическим лицам | 1 441,23 | 3,0 | 3 567,75 | 2,68 |
| raýatlara<br>физическим лицам | 427,51 | 8,92 | 2 242,72 | 9,24 |
| **Jemi berlen karzlardan:**<br>**Из общей суммы кредитов:** | | | | |
| **Gysga möhletli, jemi**<br>**Краткосрочные, всего** | **736,87** | **3,53** | **1 188,05** | **3,66** |
| edara görnüşli taraplara<br>юридическим лицам | 736,78 | 3,53 | 1 187,58 | 3,66 |
| raýatlara<br>физическим лицам | 0,09 | 12,09 | 0,47 | 11,35 |
| **Uzak möhletli, jemi**<br>**Долгосрочные, всего** | **1 131,86** | **4,89** | **4 622,42** | **5,61** |
| edara görnüşli taraplara<br>юридическим лицам | 704,44 | 2,44 | 2 380,18 | 2,20 |
| raýatlara<br>физическим лицам | 427,42 | 8,92 | 2 242,25 | 9,24 |

## Karz edaralary tarapyndan milli pulda çekilen goýumlar we olaryň göterim derejeleri
### Депозиты в национальной валюте, привлеченные кредитными учреждениями и процентные ставки по ним

| Görkezijiler<br>Показатели | 2023-nji ýylyň iýun aýynda çekilen goýumlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri<br>Объем привлеченных депозитов и средние процентные ставки в июне 2023 г. | | 2023-nji ýylyň ýanwar - iýun aýlarynda çekilen goýumlaryň möçberi we ortaça göterim derejeleri<br>Объем привлеченных депозитов и средние процентные ставки в январе - июне 2023 г. | |
|---|---|---|---|---|
| | Möçberi (mln manat)<br>Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%)<br>средний процент (%) | Möçberi (mln manat)<br>Сумма (млн манат) | Ortaça göterimi (%)<br>средний процент (%) |
| **Jemi çekilen:<br>Привлечено всего:** | **27 546,00** | **0,50** | **111 778,68** | **0,62** |
| **Talap edilýänçä<br>До востребования** | **27 233,79** | **0,46** | **110 640,37** | **0,59** |
| edara görnüşli taraplar<br>юридические лица | 23 354,57 | | 90 286,68 | |
| raýatlar<br>физические лица | 3 879,22 | 3,23 | 20 353,69 | 3,19 |
| **Möhletli<br>Срочные** | **312,21** | **4,18** | **1 138,31** | **4,05** |
| edara görnüşli taraplar<br>юридические лица | 246,23 | 3,65 | 896,87 | 2,84 |
| raýatlar<br>физические лица | 65,98 | 6,14 | 241,44 | 8,56 |

*Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy*
*Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики*

## Türkmenistanyň karz edaralarynyň jemlenen jebislendirilen balansy
### Сводный консолидированный баланс кредитных учреждений Туркменистана

*müň manat / тыс. манат*

| | 01.08.2022 | 01.01.2023 | 01.08.2023 | 01.08.2023 ý.<br>01.08.2022 ý.<br>%-de |
|---|---|---|---|---|
| **IŞJEŇLER / АКТИВЫ** | | | | |
| Kassa we oňa deňlenen serişdeler<br>Касса и приравненные к ней средства | 647 988,43 | 703 374,27 | 617 980,59 | *95,37* |
| Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky aragatnaşyk we ätiýaçlyk hasaplaryndaky serişdeler<br>Корреспондентские счета в Центральном банке Туркменистана и средства на резервных счетах | 14 189 052,70 | 22 877 241,79 | 20 182 004,89 | *142,24* |
| Karz edaralara, kärhanalara, guramalara we raýatlara goýberilen karzlar<br>Кредиты, предоставленные кредитным учреждениям, предприятиям, организациям и гражданам | 115 179 989,90 | 119 081 280,53 | 119 882 749,25 | *104,08* |
| Esasy serişdeler we maýa goýumlary<br>Основные средства и инвестиции | 1 656 444,32 | 1 687 078,15 | 1 672 334,68 | *100,96* |
| Gaýry işjeňler<br>Прочие активы | 12 928 563,72 | 9 968 712,28 | 11 602 779,70 | *89,75* |
| **JEMI IŞJEŇLER / ВСЕГО АКТИВОВ** | **144 602 039,07** | **154 317 687,02** | **153 957 849,12** | ***106,47*** |
| **IŞJEŇ DÄLLER / ПАССИВЫ** | | | | |
| Hususy serişdeler<br>Собственные средства | 11 020 010,47 | 12 298 158,90 | 12 108 069,50 | *109,87* |
| Karz alnan we çekilen serişdeler<br>Привлеченные и заемные средства | 110 341 925,06 | 119 989 633,43 | 116 737 010,05 | *105,80* |
| Karz çeşmeler boýunça şahamçalar bilen özara hasaplaşyklar<br>Взаимные расчеты с филиалами по кредитным ресурсам | 17 533 934,62 | 18 094 916,82 | 20 646 270,48 | *117,75* |
| Gaýry işjeň däller<br>Прочие пассивы | 5 706 168,91 | 3 934 977,87 | 4 466 499,08 | *78,27* |
| **JEMI IŞJEŇ DÄLLER / ВСЕГО ПАССИВОВ** | **144 602 039,07** | **154 317 687,02** | **153 957 849,12** | ***106,47*** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy*
*Подготовлено департаментом Банковского надзора*

# Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda berlen karzlaryň galyndylary barada maglumat
## Информация об остатке задолжностей кредитов предоставленные кредитными учреждениями Туркменистана в национальной валюте предприятиям, организациям, населению

*mln manat / млн манат*

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.08.2022 | | | | 01.01.2023 | | | | 01.08.2023 | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | şol sanda / в том числе: | | | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | şol sanda / в том числе: | | | Jemi karzlar<br>Всего кредитов | 01.08.2023 ý.<br>01.08.2022 ý.<br>%-de | şol sanda / в том числе: | | |
| | | Gysga möhletli<br>Краткосрочные | Uzak möhletli<br>Долгосрочные | Möhleti geçen<br>Просроченные | | Gysga möhletli<br>Краткосрочные | Uzak möhletli<br>Долгосрочные | Möhleti geçen<br>Просроченные | | | Gysga möhletli<br>Краткосрочные | Uzak möhletli<br>Долгосрочные | Möhleti geçen<br>Просроченные |
| Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов предоставленные кредитными учреждениями Туркменистана в национальной валюте, предприятиям, организациям, населению | **84 915,5** | **4 605,1** | **80 281,0** | **29,4** | **88 926,5** | **5 267,8** | **83 633,2** | **25,5** | **87 945,2** | **103,6** | **4 990,3** | **82 887,0** | **67,9** |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | | | | | | | | |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalara we guramalara berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов выданные предприятиям и организациям государственной собственности | **55 762,6** | 3 967,9 | 51 792,5 | 2,2 | **57 688,8** | 4 975,0 | 52 713,0 | 0,7 | **55 211,1** | 99,0 | 4 600,3 | 50 610,1 | 0,6 |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalara we guramalara berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов предоставленные предприятиям и организациям негосударственной собственности | **11 626,4** | 612,4 | 10 987,2 | 26,8 | **12 154,6** | 250,6 | 11 879,6 | 24,3 | **12 409,1** | 106,7 | 348,2 | 12 038,3 | 22,5 |
| Raýatlara we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçilere berlen karzlaryň galyndylary<br>Остаток кредитов физическим лицам и предпринимателям без образования юридического лица | **17 526,6** | 24,9 | 17 501,3 | 0,4 | **19 083,1** | 42,2 | 19 040,6 | 0,4 | **20 325,1** | 116,0 | 41,7 | 20 238,6 | 44,8 |

*Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций*

# Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň ösüş depgini
## Темпы роста средств на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения

*mln manat / млн манат*

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.08.2022 | | | 01.01.2023 | | | 01.08.2023 | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Jemi<br>Всего | 01.08.2023 ý.<br>01.08.2022 ý.<br>%-de |
| Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях | **38 150,17** | **17 252,59** | **55 402,76** | **40 308,50** | **16 892,96** | **57 201,46** | **40 818,33** | **17 160,72** | **57 979,05** | *104,7* |
| şol sanda:<br>в том числе: | | | | | | | | | | |
| Döwlet eýeçiligine degişli kärhanalaryň we guramalaryň hasaplaryndaky serişdeler<br>Средства предприятий и организаций государственной собственности | 22 411,31 | 16 221,77 | **38 633,08** | 24 821,17 | 15 705,69 | **40 526,86** | 27 362,70 | 16 108,39 | **43 471,09** | *112,5* |
| Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaryndaky serişdeler<br>Средства предприятий, организаций негосударственной собственности и населения | 15 738,86 | 1 030,82 | **16 769,68** | 15 487,33 | 1 187,27 | **16 674,60** | 13 455,63 | 1 052,33 | **14 507,96** | *86,5* |
| şol sanda:<br>raýatlaryň we edara görnüşindäki tarapy döretmeýän telekeçileriň hasaplaryndaky serişdeler<br>в том числе:<br>Средства физических лиц и предпринимателей без образования юридического лица | 5 234,37 | 478,14 | **5 712,51** | 5 194,03 | 493,79 | **5 687,83** | 4 171,16 | 554,07 | **4 725,23** | *82,7* |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора***

## Raýatlaryň Türkmenistanyň karz edaralaryndaky goýumlary
### Вклады населения в кредитных учреждениях Туркменистана

*mln manat / млн манат*

| Görkezijiler<br>Показатели | 01.08.2022 | | | 01.01.2023 | | | 01.08.2023 | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | Talap edilýänçä<br>До востребования | Möhletli<br>Срочные | Goýumlara çekilen serişdeleriň jemi, şol sanda<br>Всего привлеченных средств во вкладах, в т.ч. | 01.08.2023 ý. - 01.08.2022 ý.<br>%-de | Talap edilýänçä<br>До востребования | 01.08.2023 ý. - 01.08.2022 ý.<br>%-de | Möhletli<br>Срочные | 01.08.2023 ý. - 01.08.2022 ý.<br>%-de |
| Döwlet täjirçilik banklarynda<br>В государственных коммерческих банках | **2 004,9** | 1 743,2 | 261,7 | **1 855,6** | 1 578,5 | 277,1 | **1 938,6** | *96,7* | 1 636,0 | *93,9* | 302,6 | *115,6* |
| Paýdarlar täjirçilik banklarynda<br>В акционерно-коммерческих банках | **1 151,8** | 969,9 | 181,9 | **1 136,2** | 937,3 | 198,9 | **1 151,3** | *100,0* | 914,1 | *94,2* | 237,2 | *130,4* |
| Daşary ýurt banklarynyň şahamçalarynda<br>В филиалах иностранных банков | **0,38** | 0,38 | | **0,36** | 0,36 | | **0,73** | *193,1* | 0,73 | *193,1* | | |
| **Jemi / Итого** | **3 157,1** | **2 713,5** | **443,6** | **2 992,2** | **2 516,2** | **476,0** | **3 090,5** | *97,9* | **2 550,8** | *94,0* | **539,7** | *121,7* |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора***

## 2023-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan terminallar, bankomatlar hem-de bank kartlary boýunça maglumat
### Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана терминалах, банкоматах и банковских картах по состоянию на 1 августа 2023 года

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкомат | Terminallar<br>Терминал | Ahal welaýaty<br>Ахалский велаят | | | Aşgabat<br>Ашхабад | | | Arkadag<br>Аркадаг | | | Balkan welaýaty<br>Балканский велаят | | | Daşoguz welaýaty<br>Дашогузский велаят | | | Lebap welaýaty<br>Лебапский велаят | | | Mary welaýaty<br>Марыйский велаят | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы | Bank kartlary<br>Банковские карты | Bankomatlar<br>Банкоматы | Terminallar<br>Терминалы |
| Türkmenistanyň Merkezi banky<br>Центральный банк Туркменистана | 1 | 6 | 1 | | 1 | | 1 | 1 | 1 | | | | | 1 | | | 1 | | | 1 | | | 1 | |
| Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB<br>ГКБТ «Туркменистан» | 1 049 609 | 438 | 8 122 | 74 469 | 41 | 853 | 487 526 | 204 | 3341 | 773 | 2 | 25 | 158 144 | 64 | 1 214 | 77 324 | 26 | 579 | 115 854 | 49 | 1 120 | 135 519 | 52 | 990 |
| Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB<br>АКБТ «Туркменбаши» | 576 815 | 356 | 5 579 | 8 743 | 7 | 111 | 204 553 | 92 | 1197 | | | | 125 762 | 81 | 886 | 40 800 | 35 | 778 | 111 950 | 75 | 1 248 | 85 007 | 66 | 1 359 |
| Türkmenistanyň «Halkbank» PTB<br>АКБТ «Халкбанк» | 624 348 | 144 | 7 868 | 45 986 | 11 | 885 | 224 339 | 67 | 2502 | 277 | 1 | 26 | 39 347 | 5 | 764 | 47 809 | 9 | 1 032 | 168 886 | 25 | 1 341 | 97 704 | 26 | 1 318 |
| Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB<br>ГКБТ «Дайханбанк» | 1 894 154 | 1 024 | 8 865 | 293 941 | 180 | 1 105 | 31 667 | 19 | 447 | 1 | 2 | 4 | 118 691 | 89 | 1 163 | 468 512 | 196 | 1 761 | 421 771 | 263 | 2 511 | 559 571 | 275 | 1 874 |
| Türkmen-Türk PTB<br>Туркмено-Турецкий АКБ | 118 101 | 10 | 1 787 | | | | 111 167 | 5 | 1231 | | | | | | | 1 006 | 1 | 90 | 3 189 | 3 | 237 | 2 739 | 1 | 229 |
| «Rysgal» PTB<br>АКБ «Рысгал» | 177 015 | 20 | 4 074 | | | | 111 533 | 12 | 2 140 | | | | 13 174 | 2 | 373 | 11 780 | 2 | 481 | 19 231 | 2 | 460 | 21 297 | 2 | 620 |
| Türkmenistanyň «Senagat» PTB<br>АКБТ «Сенагат» | 433 167 | 92 | 4 617 | 21 276 | 5 | 149 | 216 866 | 15 | 2001 | | 1 | 6 | 74 977 | 19 | 895 | 30 713 | 12 | 675 | 36 561 | 20 | 351 | 52 774 | 20 | 540 |
| TD Daşary ykdysady iş banky<br>Туркменвнешэкономбанк | 484 778 | 50 | 1 239 | | | 44 | 445 221 | 32 | 822 | | | | 39 557 | 18 | 328 | | | 20 | | | 12 | | | 13 |
| **Jemi / итого** | **5 357 988** | **2 140** | **42 152** | **444 415** | **245** | **3 147** | **1 832 873** | **447** | **13 682** | **1 051** | **6** | **61** | **569 652** | **279** | **5 623** | **677 944** | **282** | **5 416** | **877 442** | **438** | **7 280** | **954 611** | **443** | **6 943** |

*Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Автоматизации банковских работ*

### 01.01.2023 - 01.08.2023 seneleri aralygynda bank kartlary boýunça nagt we nagt däl pul dolanyşygy
### Наличный и безналичный денежный оборот по банковским картам на период с 01.01.2023 по 01.08.2023 года

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Jemi / Итого | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Amallaryň sany<br>Количество операций | Nagt almak (manat) / Снятие наличных (манат) | | Nagt däl hasaplaşyk (manat) / Безналичный расчет (манат) | | | | | |
| | | Bankomat üsti bilen<br>Через банкомат | Terminal üsti bilen<br>Через терминал | Bankomat üsti bilen<br>Через банкомат | Terminal üsti bilen<br>Через терминал | «Internet-bank» ulgamy arkaly<br>Через систему «Интернет-банк» | «Mobil-bank» ulgamy arkaly<br>Через систему «Мобильный-банк» | «Elektron-söwda» ulgamlary arkaly<br>Через системы «Электронной коммерции» | «Halkbank terminal» ulgamy arkaly<br>Через систему «Халкбанк терминал» |
| Türkmenistanyň Merkezi banky<br>Центральный банк Туркменистана | 42 527 | 16 614 345 | 4 010 450 | 1 616 895 | | | | | |
| TD Daşary ykdysady iş banky<br>Туркменвнешэкономбанк | 9 078 132 | 1 699 156 385 | 729 570 | 20 545 125 | 1 308 890 140 | 22 110 | 657 337 | 2 415 | 671 819 |
| Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB<br>АКБТ «Туркменбаши» | 15 185 185 | 4 210 321 080 | 33 556 353 | 90 931 958 | 2 775 715 823 | 157 125 | 4 964 966 | 6 | 7 779 923 |
| Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB<br>ГКБТ «Дайханбанк» | 12 199 009 | 3 316 797 190 | 56 272 809 | 36 511 431 | 1 266 068 358 | 453 427 | 1 789 037 | 23 616 | 7 036 167 |
| Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB<br>ГКБТ «Туркменистан» | 18 766 759 | 1 551 014 745 | 16 683 988 | 37 977 892 | 1 347 226 159 | 32 333 | 471 682 | 568 171 502 | 1 134 866 |
| Türkmenistanyň «Halkbank» PTB<br>АКБТ «Халкбанк» | 2 943 520 | 626 943 917 | 4 652 173 | 19 596 500 | 660 597 236 | 163 009 | 2 380 177 | 20 889 871 | |
| Türkmenistanyň «Senagat» PTB<br>АКБТ «Сенагат» | 1 362 124 | 47 376 570 | 1 401 578 | 216 446 | 391 582 415 | 143 | 80 795 | 1 459 978 | |
| Türkmen-Türk PTB<br>Туркмено-турецкий АКБ | 3 427 536 | 270 419 820 | 2 061 192 | 533 052 | 1 021 583 739 | | | 8 289 418 | |
| «Rysgal» PTB<br>АКБ «Рысгал» | 1 390 443 | 279 962 335 | | | 281 001 120 | 453 010 | | 5 545 868 | |
| **Jemi / Итого** | **64 395 235** | **12 018 606 387** | **119 368 114** | **207 929 300** | **9 052 664 989** | **1 281 157** | **10 343 994** | **604 382 672** | **16 622 775** |

*Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Автоматизации банковских работ*

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň başlygynyň 2023-nji ýylyň 14-nji iýunyndaky 189-iş belgili buýrugy bilen tassyklanyldy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2023-nji ýylyň 29-njy iýulynda 1724 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alyndy**

# Türkmenistanyň raýatlaryna Arkadag şäherinde täze gurlan ýaşaýyş jaýlardan öýleri gozgalmaýan emläk hökmünde girewe goýup, satyn almaga karzlary bermegiň Tertibi

## I bap. Umumy düzgünler

1. Türkmenistanyň raýatlaryna Arkadag şäherinde täze gurlan ýaşaýyş jaýlaryndan öýleri gozgalmaýan emläk hökmünde girewe goýup, satyn almaga karzlary bermegiň Tertibi (mundan beýläk - Tertip) Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Raýat kodeksine, «Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezinde gurulýan ýaşaýyş jaýlarynyň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022-nji ýylyň 10-njy sentýabrynda çykaran 255-nji kararyna, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň 2022-nji ýylyň 11-nji fewralynda çykaran 2601-nji karary bilen tassyklanan «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 - 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy.

2. Şu Tertip Türkmenistanyň ygtyýarly karz edaralary (mundan beýläk-Bank) tarapyndan Türkmenistanyň raýatlaryna (mundan beýläk - Raýat) Arkadag şäherinde täze gurlan bir öýli ýaşaýyş jaýlary ýa-da köp öýli ýaşaýyş jaýlaryndan öýleri (mundan beýläk - Öýler) gozgalmaýan emläk hökmünde girewe goýup, satyn almak üçin Raýatlara karzlary bermegiň tertibini düzgünleşdirýär.

3. Şu Tertibe laýyklykda, Öýleri gozgalmaýan emläk hökmünde girewe goýup, gozgalmaýan emlägi satyn almak üçin karz 30 (otuz) ýyl möhlete berilýär. Karzlar boýunça göterim tölegini ýylda 1 (bir) göterim derejesinde hem-de esasy bergini üzmek boýunça karz şertnamasynyň baglaşylan senesinden 5 (bäş) ýyla çenli ýeňillikli döwür bellenilýär.

4. Ýeňillikli döwrüň möhletini bäş ýyldan köp möhlete yza süýşürilmäge ýol berilmeýär.

5. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň karz serişdeleriniň hasabyna Bankyň şol bir Raýata şu Tertibiň üçünji böleginde göz öňünde tutulan şertlerde iki gezek karz bermäge hukugy ýokdur.

6. Öýi satyn alýan Raýat Öýüň bahasynyň 10 (on) göteriminden az bolmadyk möçberini tölän ýagdaýynda, gozgalmaýan emläk üçin karzyň möçberi Öýüň bahasynyň 90 (togsan) göteriminden ýokary bolmadyk möçberde bellenýär.

## II bap. Gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň esasy döwürleri we amallary

7. Öýi satyn almak isleýän Raýat bilen gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň şertleri, bu karzyň üpjünçiligine we resmileşdirilmegine Bank tarapyndan bildirilýän talaplar barada mümkin bolan has doly maglumaty bermek üçin deslapky söhbetdeşlik geçirilýär. Deslapky söhbetdeşligiň dowamynda Raýatlara aşakdakylar barada düşündirilýär:

1) Raýatyň tölege ukyplylygyna Bank tarapyndan bildirilýän talaplar – Raýatyň Öýi satyn almak bilen bagly çykarmaly çykdajylarynyň, şeýle hem onuň girdejilerinde umumy borçnamalarynyň paýynyň aňrybaş çägini belleýän koeffisiýentler;

2) Bank bilen Raýatyň gozgalmaýan emläk üçin karz şertnamasyny we girew şertnamasyny baglaş-

magyň tertibi, bu geleşikleriň amala aşyrylmagy netijesinde bellenilýän hukuklar we borçlar.

Bankyň karz bölüminiň işgäri deslapky söhbetdeşligiň dowamynda, Raýata girewe goýulýan gozgalmaýan emläk üçin karzyň möçberi, karz şertnamasy boýunça her aýda tölenilmäge degişli esasy berginiň we göterimleriň deslapky möçberleri (möwsümleýin işler we olar bilen baglanyşykly girdeji mümkinçilikler göz öňünde tutulýar), karz we girew şertnamalaryny resmileşdirmek babatynda çykdajylaryň takmynan möçberleri barada, deslapky hasaplamalaryň diňe düşündiriş we maslahat beriş häsiýete eýedigini düşündirmelidir.

Şeýle hem, Bankyň gozgalmaýan emläk üçin karz bermek hakynda çözgüdi Raýatyň tölege ukyplylygy barada beren maglumatlarynyň netijeleriniň esasynda kabul edilýändigini Raýata habar berilmelidir.

8. Öýi gozgalmaýan emläk hökmünde girewe goýup, gozgalmaýan emläk üçin karzy almak üçin Raýat şu resminamalary tabşyrmalydyr:

1) Karz almak üçin arza;

2) Raýatyň pasportynyň nusgasy (zerur bolan sahypalary);

3) Öýüň bahasynyň 10 (on) göteriminden az bolmadyk ilkibaşdaky töleg möçberiniň geçirilendigini tassyklaýan resminamalar;

4) Nika baglaşylandygy hakynda şahadatnamanyň nusgasy ýa-da nikada durmaýanlygy barada Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň döwlet edarasynyň güwänamasy;

5) Äriniň (aýalynyň) we kämillik ýaşyna ýeten maşgala agzalarynyň satyn alýan Öýüni girewe goýmaga ýazmaça razylygy;

6) Raýatyň we zerur halatda onuň bilen bir ýerde ýaşap, umumy hojalygy ýöredýän äriniň (aýalynyň) we kämillik ýaşyna ýeten maşgala agzalarynyň eýeleýän wezipeleri we zähmet hakynyň möçberini görkezmek bilen iş ýerinden güwänamalar hem-de beýleki bar bolan girdeji çeşmelerini tassyklaýan resminamalar (telekeçileriň we kärendeçileriň girdejilerini hasaba almak bilen);

7) Zamun bolup çykyş edýän taraplaryň ýazmaça beren razylygy we olaryň pasportlarynyň nusgalary (zerur bolan sahypalary), eýeleýän wezipelerini we zähmet hakynyň möçberini görkezmek bilen, iş ýerinden güwänamalar hem-de beýleki bar bolan girdeji çeşmelerini tassyklaýan resminamalar (telekeçileriň we kärendeçileriň girdejilerini hasaba almak bilen);

8) ýuridiki şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar - hususy telekeçiler salgyt töleýji hökmünde salgyt edaralarynda hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasynyň, hereket edýän hususy telekeçiler tarapyndan girdeji salgydynyň bellenen ululygynyň tölenendigine şaýatlyk edýän tassyknamanyň, ygtyýarnamasynyň we soňky hasabat döwri üçin salgyt edaralary tarapyndan girdejisini tassyklaýan salgyt beýannamasy (arassa peýdasyny görkezmek bilen) göçürme nusgalaryny;

9) Raýat bilen Satyjynyň arasyndaky Öýi satyn almak-satmak barada baglaşylan şertnamanyň nusgasy (zerur bolan ýagdaýynda – Öýüň bahasyny tassyklaýan resminama);

10) satyn alynýan Öýüň hususy ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugynyň şahadatnamasynyň, tükelleýiş işiniň nusgalary.

Berlen maglumatlaryň ygtybarlylygy barada şübhe dörän halatynda Bank karzy bermekden öň olary barlap biler, şondan soň karzy bermegiň mümkinçiligi hakynda çözgüt kabul edilýär.

Raýatyň arzasy resminamalaryň doly bukjasy bilen birlikde, Bank tarapyndan ýörite döredilen hasaba alyş kitabynda hasaba alynýar.

9. Bankyň karz bölüminiň işgäri toplanan maglumatlar esasynda gozgalmaýan emläk üçin Arza berijiniň Maglumatnamasyny (şu Tertibe goşundy) doldurýar we onda görkezilen maglumatlaryň dogrudygyny gol çekmek bilen tassyklaýar.

Arza berijiniň Maglumatnamasy esasy resminamalaryň biri bolmak bilen, gozgalmaýan emläk üçin

karz bermek hakynda karz topary tarapyndan çözgüt kabul edilen ýagdaýynda, onuň esasynda gozgalmaýan emläk üçin karzyň möçberi, her aýdaky tölegleriniň möçberleri, ony üzmegiň möhletleri barada ähli gutarnykly hasaplamalar geçirilýär. Gozgalmaýan emläk üçin karz bermek hakynda oňaýly çözgüt kabul edilende, bu hasaplamalar Bankyň öz üstüne alýan töwekgelçilikleriniň nukdaýnazaryndan barlanylýar we olara baha berilýär.

Raýat Banka tabşyrýan maglumatlarynyň dogrulygyna we anyklygyna şahsy jogapkärçilik çekýär. Bankyň karz bölüminiň işgäri Raýatyň berýän maglumatlarynda bilkastlaýyn ýalňyşlyklary, ýagny onuň öz girdejilerini artdyryp görkezmek isleýändigini ýa-da olary resminamalar esasynda tassyklamak islemeýändigini ýüze çykaran ýagdaýynda, Bankyň Raýata gozgalmaýan emläk üçin karz bermekden ýüz döndermäge bolan hukugy barada duýdurmalydyr.

### III bap. Gozgalmaýan emläk üçin karz soraýan raýatyň töleg ukyplylygyna baha bermek

10. Baha bermek işi Raýat hakynda toplanan we resminamalar esasynda tassyklanan maglumatlaryň seljermesi şu aşakdaky esasy ugurlary boýunça amala aşyrylýar:

1) Raýatyň tölege ukyplylygyna, ýagny onuň berlen karzy öz wagtynda üzmek mümkinçiligine baha bermek;

2) koeffisiýent-deslapky töleg tertibine esaslanyp Raýatyň her aýda geçirmeli töleginiň jemi onuň her aýdaky (maşgala, zamun bolujylary goşmak bilen) girdejisiniň jemine bolan gatnaşygy bilen hasaplanylýar (töleg/girdeji), ol 80 (segsen) göterimden ýokary bolup bilmez;

3) Raýatyň girdejileriniň ýa-da ol girdejileriň durnukly gazanylmagynda töwekgelçilik bar bolan ýagdaýynda, maglumatnama boýunça gozgalmaýan emläk üçin karz bermek barada çözgüt kabul etmekde bolup biljek töwekgelçilikleri peseltmek üçin şu aşakdaky ýagdaýlar bolup biler:

a) Raýatyň Öýüň ilkibaşdaky tölegini tölemäge, karz we girew şertnamasyny resmileşdirmek bilen baglanyşykly zerur bolan ähli gaýry çykdajylary tölemek mümkinçiliklerine baha bermek;

b) Raýatyň Öýi satyn almaga we soňra eýelik etmäge, şeýle hem satyn alan Öýüni girewe bermäge hukugyny tassyklaýan resminamalaryň takyklygyny barlamak;

4) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda resmileşdirlen tölege ukyply fiziki we ýuridik şahslaryň zamunlyklary bermegi.

Bu amallar berjaý edilenden soňra Bankyň karz bölüminiň işgäri Bankyň karz topary üçin seljermäni taýýarlaýar. Seljermede Raýat boýunça gelnen netije beýan edilýär.

Bankyň karz topary seljermäniň netijesi esasynda şu aşakdaky çözgüdi kabul edip biler:

1) beriljek karzyň möçberini, ýeňillikli döwrüni we karzy yzyna gaýtarmagyň möhletini görkezmek bilen, gozgalmaýan emläk üçin karz bermek;

2) esaslandyryp gozgalmaýan emläk üçin karz bermekden ýüz döndermek.

Raýatyň arzasynyň hasaba alnan senesinden başlap 10 (on) iş gününiň dowamynda, Bank tarapyndan gozgalmaýan emläk üçin karz bermek meselesi boýunça çözgüt kabul edilýär.

Eger-de, karz bermekden ýüz dönderilen ýagdaýynda, onuň sebäpleri ýazmaça görnüşde esaslandyrylýar we Raýata ýazmaça habar berilýär.

11. Bank tarapyndan karz bermek barada çözgüt kabul edilen ýagdaýynda, gozgalmaýan emläk üçin karzy resmileşdirmegiň ähli düzgünleri aýdyňlaşdyrylyp, karz şertnamasyny baglaşmagyň tertibi, möhletleri we karzy yzyna gaýtarmaklygy öz içine alýan karzyň ähli şertleri barada doly maglumatlar Raýata habar berilýär.

Bankyň karz toparynyň çözgüdi geçirilen mejlisiň teswirnamasy bilen resmileşdirilýär.

**IV bap. Gozgalmaýan emläk üçin karz şertnamasynyň esasy şertleri we ony resmileşdirmegiň tertibi**

12. Karz şertnamasynda karzyň möçberi, karzyň möhleti, maksady, ýeňillikli döwri, göterim derejesi, karzy bermegiň we ony yzyna gaýtarmagyň tertibi, karz şertnamasyny wagtyndan öň bes etmegiň tertibi we taraplaryň hukuklary, borçlary, karz şertnamasynyň şertleri ýerine ýetirilmedik halatynda taraplaryň jogapkärçiligi we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki esasy şertler kesgitlenilýär.

13. Karz şertnamasyny resmileşdirmek bilen baglanyşykly ähli çykdajylar, Raýatyň hasabyna amala aşyrylýar.

14. Bank tarapyndan göterimler karzyň berlen senesinden başlap her aýda hasaplanylýar hem-de Raýat karzdan peýdalananlygy üçin hasaplanylan göterimleri her aýda tölemäge borçly bolup durýar.

15. Karzy yzyna gaýtarmagyň tertibi karz şertnama goşmaça hökmünde resmileşdirilýär we onuň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

**V bap. Karz boýunça girew üpjünçiliginiň resmileşdirilişi**

16. Türkmenistanyň kanunçylygynda we şu Tertipde göz öňünde tutulan talaplara laýyklykda, Raýatyň satyn alýan Öýi gozgalmaýan emläk üçin karzyň üpjünçiligi bolup durýar.

17. Bank girewe goýlan Öýe onuň satyn almak-satmak şertnamasyna laýyklykda umumy bahasyna esaslanyp baha kesip biler.

18. Raýat Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda satyn alýan Öýüni girew hökmünde resmileşdirmäge borçlanýar.

19. Girew şertnamasy resmileşdirilende girew emlägi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde bellige alynýar we girew saklaýjynyň razylygy bolmazdan, Öýi aýrybaşgalamak (satmak, sowgat hökmünde bermek we çalyşmak) gadagan edilýär hem-de bu barada girew şertnamasynda bellenilýär.

20. Öý babatyndaky hususy eýeçilik hukugy baradaky şahadatnamanyň asyl nusgasy Raýatda saklanylýar.

21. Raýat girew şertnamasyny resmileşdirmezden öň Bankyň talaplaryna laýyklykda, Öýi gozgalmaýan emläk üçin karzyň tutuş möhletine ätiýaçlandyrmaga, ätiýaçlandyryş tölegleri döwürleýin tölemäge we tölegleriň amala aşyrylanlygyny tassyklaýan töleg resminamalarynyň göçürmesini bermäge borçludyr. Ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleriň görnüşleri Bank tarapyndan kesgitlenilýär.

22. Öýden onuň görki üýtgedilmezden, diňe göni niýetlenilişi boýunça peýdalanylmalydyr.

23. Bankyň girew goýlan Öýüň ýagdaýyna, Raýat tarapyndan üçünji şahslara wagtlaýyn ulanmaga berlen ýagdaýlaryny hem goşmak bilen barlag geçirmäge hukugy bardyr.

24. Girewe goýlan Öýe bilkastlaýyn zelel ýetirmek ýa-da weýran bolmak töwekgelçiligine Raýat jogapkärçilik çekýär.

25. Eger Raýatyň jogapkärçiligine degişli bolmadyk ýagdaýlar boýunça girewe goýlan Öý ýitirilen ýa-da oňa zeper ýetmegi netijesinde gozgalmaýan emläk üçin karzyň borçnamalarynyň üpjünçiliginiň gymmaty azalan bolsa, Bankyň girew esasynda üpjün edilen borçnamalaryň möhletinden öň ýerine ýetirilmegini, şol sanda ätiýaçlandyryşyň hasabyna öweziniň dolunmagyny talap etmäge hukugy bardyr.

Gozgalmaýan emläk üçin karz doly yzyna gaýtarylandan soňra, Bank tarapyndan karz bergisiniň ýokdugyny tassyklaýan resminama Raýata berilýär.

## VI bap. Gozgalmaýan emläk üçin karz şertnamasyny ýerine ýetirmezligiň ýa-da talaba laýyk ýerine ýetirmezligiň getirýän netijeleri

26. Raýat tarapyndan karzy yzyna gaýtarmagyň tertibi bozulan ýagdaýynda Bankyň şu aşakdakylara hukugy bardyr:

1) tölegler üzüliş tertibinde kesgitlenen möhletden yzygiderli 3 (üç) aýdan artyk gijikdirilse, Raýatyň girdeji çeşmelerine seljerme geçirmeklige;

2) tölegler üzüliş tertibinde kesgitlenen möhletden yzygiderli 6 (alty) aýdan artyk gijikdirilse we Raýat tölegi tölemäge ukypsyz bolsa ýa-da karz boýunça bergini bilkastlaýyn tölemeýän ýagdaýynda, karz boýunça borçnamanyň ýerine ýetirilmegini haýal etmän Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde talap etmeklige.

27. Karz alyjy tarapyndan Öý meýletin yzyna tabşyrylan halatynda, Bankyň bähbidini goramak, şeýle hem mümkin bolan ýitgileriň öwezini dolmak hem-de karzlaryň gaýtarylmagyny kepillendirmek üçin, girew şertnamasy esasynda girewe resmileşdirilen gozgalmaýan emläk girewi - Öýi ýerlemek hukugy Karz alyjynyň Bankdan alan karz pul serişdeleri doly gaýtarmak şerti bilen Öýi ilkibaşda ýerlän edara berilýär. Öý Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde Karz alyjynyň hususy eýeçiliginden alnan halatynda, Karz alyjynyň Bankdan alan karz pul serişdelerini doly gaýtarmak şerti bilen Öýi ýerlemek Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

Şu bölegiň birinji tesminde görkezilen şertlerde, Öýi ýerleýän edara tarapyndan Öýi üçünji tarapa ýerlemek işleri geçirilip, bu Öýi aljak Raýat boýunça çözgüt kabul edilenden hem-de ol bilen satyn almak-satmak şertnamasy baglaşylandan soň, Raýat Banka ýüz tutan ýagdaýynda, Bank tarapyndan Raýata şu Tertibiň şertlerinde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň serişdeleriniň hasabyna, bellenilen tertipde karz we girew şertnamalary resmileşdirmek bilen karz berlip bilner. Şu şertlerde berlen karz ilkibaşdaky Karz alyjynyň Bankyň öňünde dörän karz boýunça bergilerini gaýtarmaklyga gönükdirilýär.

28. Bankyň hukuk gullugy (hukuk maslahatçysy) karz bermek bilen bagly resmileşdirilýän ähli şertnamalaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyk gelýändigini barlaýar we olaryň kanuna laýyklygyny goly bilen tassyklaýar.

## VII bap. Hukuk oruntutarlyk (mirasdarlyk) meseleleri

29. Satyjy üýtgedilip guralan ýagdaýynda, Bank şertnama boýunça hukuk gatnaşyklary düzgünleşdirilende hukuk oruntutarlyk (mirasdarlyk) babatynda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna esaslanylýar.

30. Raýat aradan çykan ýagdaýynda mirasdar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenýär we Raýatyň karz borçnamasy miras hukugy hakynda şahadatnama berlen mirasdaryna geçýär.

31. Şu Tertipde beýan edilmedik düzgünler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düzgünleşdirilýär.

Türkmenistanyň raýatlaryna Arkadag şäherinde täze
gurlan ýaşaýyş jaýlardan öýleri gozgalmaýan
emläk hökmünde girewe goýup satyn almaga
karzlary bermegiň Tertibine goşundy

## ARZA BERIJINIŇ MAGLUMATNAMASY

1. Arza beriji hakynda umumy maglumatlar

1.1. Familiýasy, ady, atasynyň ady: ____________________
1.2. Doglan güni, aýy, ýyly: ____________________
1.3. Hemişelik ýaşaýan ýeriniň salgysy: ____________________
1.4. Köplenç ýaşaýan ýeriniň salgysy: ____________________
1.5. Işleýän ýeri: ____________________
1.6. Işleýän ýeriniň salgysy: ____________________
1.7. Görkezilen iş ýeri boýunça işlän ýyllary: ____________________
1.8. Wezipesi: ____________________
1.9. Hususy telekeçiler üçin:
Alyp barýan işleriniň (bar bolan hususy telekeçiler tarapyndan girdeji salgydynyň bellenen ululygynyň tölenendigine şaýatlyk edýän tassyknamalara we ygtyýarnamalara laýyklykda) görnüşleri:
____________________
1.10. Telefonlary: öý ____________________ iş ____________________
1.11. Maşgala ýagdaýy: ____________________
Eklenjindäki adamlaryň sany: ____________________
1.12. Bilimi: ____________________

2. Arza berijiniň girdejileri hakynda maglumatlar

2.1. Soňky ýarym ýylda ortaça aýlyk girdejisi:
esasy iş ýeri boýunça: ____________________
utgaşdyryp işleýän ýeri boýunça: ____________________
pensiýa: ____________________
göterimleri, goýan goýumlary boýunça girdejileri: ____________________
beýleki girdejileri (nähili girdejileriniň bardygyny görkezmeli): ____________________
____________________
JEMI ____________________

Hususy telekeçiler üçin:
Soňky hasabat döwründe girdejileriniň möçberi: ____________________
2.2. Maşgala agzalarynyň ortaça aýlyk girdejisi (soňky 6 aýyň hasaby boýunça):
____________________
JEMI maşgala girdejisi: ____________________

2.3. Zamun bolujynyň (-laryň) ortaça aýlyk girdejisi (soňky 6 aýyň hasaby boýunça)

______________________________________________

JEMI maşgala agzalary bilen zamun bolujynyň bilelikdäki girdejisi:________________

3. Arza berijiniň hökmany tölegleri we bergi borçnamalary hakynda maglumatlar

3.1. Her aýda tutulýan pullar we tölegler:
alimentler______________________________________
ýerine ýetiriş namalary boýunça tutulýan pullar ____________________
3.2. Başga alnan karzlary barmy: hawa/ ýok (gereklisiniň aşagyny çyzmaly)
Eger jogap «hawa» bolsa, aşakda getirilen görnüşi dolduryň:

| | |
|---|---|
| Karz beriji bankyň (bölüm, şahamça), ýerleşýän ýeri | |
| Karzyň alnan senesi | |
| Karzyň maksady | |
| Karz boýunça berginiň galan bölegi | |
| Karzy gaýtarmaly möhleti | |
| Karzy gaýtarmagyň tertibi (döwürleýinligi, tölegleriň möçberi) | |
| Göterimleri tölemegiň tertibi (derejesi, döwürleýinligi) | |
| Şol sanda möhleti geçen bergiler (karz we hasaplanan göterimler) | |

3.3. Başga karzlar boýunça zamunlyk borçnamalary barmy: hawa/ýok (gereklisiniň aşagyny çyzmaly)
Eger jogap «hawa» bolsa, aşakda getirilen görnüşi dolduryň

| | |
|---|---|
| Zamunlyk kim üçin berildi | |
| Zamunlyk berlen gurama ýa-da adam | |
| Zamunlygyň möçberi (eger zamunlyk karzyň göteriminde degişli bolsa, derejesini görkezmeli) | |
| Zamunlygyň hereket ediş möhleti | |
| Üpjünçilik üçin zamunlyk berlen borçnama boýunça berginiň galan bölegi | |

beýleki tölegler (nähili töleglerdigini görkezmeli) ____________________

______________________________________________

JEMI______________________________________

4. Satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karz soralýan Öý hakynda maglumatlar

4.1. Öýi satyn almak-satmak hakynda şertnama: № _______ 20____-nj_ ýylyň _________________ aýynyň «_____»

4.2. Satyjynyň doly ady ____________________________________________________________
____________________________________________________________________________________

4.3. Satyn alynýan gozgalmaýan emlägiň esasy häsiýetnamalary:
görnüşi (jaý, öý we ş.m.) _____________________________________________________________
meýdany _________________________________________________________________ined.m.
otaglarynyň sany _________________________________________________________________
şertnama boýunça bahasy ___________________________________________________________

4.4. Öz serişdeleriniň hasabyna öňünden tölemek göz öňünde tutulýan tölegiň möçberi:______________________________________________________________manat

4.5. Karz serişdeleriniň zerurlygy (ýokarda görkezilen öňünden tölemek göz öňünde tutulýan möçber aýrylanda, hakyky bahasy) __________________________________ manat.

5. Arza beriji hakynda beýleki maglumatlar

5.1. Siz häzirki wagtda başga bankda karz almagy resmileşdirmegi geçirýärsiňizmi? hawa/ýok (gereklisiniň aşagyny çyzmaly).

Eger jogap «hawa» bolsa, aşakda getirilen görnüşi dolduryň

| | |
|---|---|
| Bankyň (bölüm, şahamça), ýerleşýän ýeri | |
| Karzyň maksady | |
| Soralýan karzyň möçberi | |
| Karzy gaýtarmaly möhleti | |

«Şu maglumatnamada görkezilen maglumatlaryň dogrulygy üçin doly jogapkärçilik çekýärin. Meniň görkezen maglumatlarymyň dogrulygyny doly barlamaga razylyk berýärin».

Arza berijiniň goly: _______________________________
senesi: __________________________________________

Maglumatnamany alan karz bölüminiň işgäri

____________________________________________________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, eýeleýän wezipesi)

(goly) _______________